# Şu günleriň gürrüňi



## Ýaşlaryň zähmet üstünligi

*16-njy noýabrda Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşiniň döredilen güni mynasybetli zähmetde, döredijilikde aýratyn tapawutlanan ýaşlara Türkmenistanyň Ýaşlar baýragy gowşuryldy.*





Şasoltan MEREDOWA, Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň «Türkmenbakaleýa» döwlet lomaý-bölek söwda firmasynyň söwda bölüminiň harytçysy:

— Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň alyp barýan geljegi nazarlaýan oňyn başlangyçlary esasynda ýurdumyzda ýaş nesil hakda edilýän aladalar, amala aşyrylýan özgertmeler halkymyzy, şol sanda biz — ýaşlary hem täze üstünliklere ruhlandyrýar.

Şeýle üstünliklerden ruhlanyp, eziz Diýarymyzda edebiýatda, sungatda, medeniýetde, oba hojalygynda, ylymda, sportda, saglygy goraýyşda, bilim we terbiýeçilik işlerinde gazanan üstünlikleri, alnyp barylýan içeri we daşary syýasaty, durmuşa geçirilýän beýik özgertmeleri, olaryň ýurdumyzyň, halkymyzyň durmuşyndaky taryhy ähmiýetini il arasynda wagyz-nesihat etmekde ýokary döredijilik başarnygyny hem-de işjeňligini görkezen ýaşlar Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşiniň döredilen güni mynasybetli yglan edilen «Türkmenistanyň Ýaşlar baýragynyň eýesi» diýen hormatly ada mynasyp boldular. Şeýle baýraga meniňem mynasyp bolmagym durmuşymyň iň bagtly we ýatdan çykmajak ajaýyp pursatlarynyň birine öwrüldi.

Hormatly Prezidentimiziň biz — ýaşlara uly ynam bildirip, çekýän zähmetimize berýän şeýle uly bahasy üçin buýsanjymyzyň çägi ýokdur.



Mähri NURÝAGDYÝEWA, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň türkmen dili we edebiýaty fakultetiniň žurnalistika hünäriniň talyby:

— Men okuwçy döwrümde Türkmenistanyň mekdep okuwçylarynyň arasynda geçirilýän «Altyn asyryň altyn zehinleri» atly ders bäsleşiginiň etrap we welaýat tapgyrlarynda, şeýle-de taslama bäsleşiginiň döwlet tapgyrynda türkmen dili we edebiýaty dersi boýunça ýeňiji boldum. Şeýle üstünliklerimiň netijesinde Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda maňa ýurdumyzyň baýry ýokary okuw mekdebi bolan Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň talyby bolmak hem-de «Türkmenistanyň Ýaşlar baýragynyň eýesi» diýen hormatly ada mynasyp bolmak bagty miýesser etdi. Bu ýyl meniň hakydamdan çykmajak ýyllaryň biri boldy.

Ýurdumyzda ýaşlaryň döwrebap ylym, bilim almagy, zähmet çekmegi, zehinlerini açyp görkezmekleri, amala aşyrylýan beýik özgertmelere öz mynasyp goşantlaryny goşmaklary üçin ähli mümkinçilikleri döredip berýän Milli Liderimiziň we hormatly Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli tutýan tutumly işleri rowaçlyklara beslensin!

Ýazga geçiren: **Parahat BATYROW**, Magtymguly adyndaky TDU-nyň talyby, «Biznes reklama».

## Ýaşlar — Watanyň geljegi

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýaşlar syýasatynyň durmuşa geçirilmegi netijesinde ata-babalarymyzdan miras galan däp-dessurlar esasynda mynasyp ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmek boýunça zerur bolan işler amala aşyrylýar. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz, Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan ýurdumyzyň geljegi bolan ýaşlara ählitaraplaýyn goldawlar berilýär. Halkymyzyň uzak taryhyň dowamynda toplan, kämilleşdirilen baý durmuş tejribesine, häzirki zaman ylmynyň, medeniýetiniň gazananlaryna daýanyp, türkmen ýaşlarynyň bilim, ylym, medeni we ruhy ahlak taýdan sazlaşykly ösmeginde giň mümkinçilikler döredilýär. Şeýle oňyn ýörelgelere esaslanyp, bu günki gün ata Watanymyza, halkymyza, milli däp-dessurlarymyza wepaly, bilimini ýokarlandyrmaga, sport bilen meşgullanmaga, hünär öwrenmäge, zähmet çekmäge höwesli ýaşlar kemala gelýär.

Ýaş raýatlarymyza kämilleşmek hem-de özleriniň zehinlerini, ukyplaryny, mümkinçiliklerini äşgär etmek üçin döredilýän oňaýly şertler ýurdumyzda ýaşlar barada döwlet derejesinde çuňňur alada edilýändigine «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda göz öňünde tutulan wezipeleriň durmuşa geçirilýändigi hem äşgär edýär. Häzirki wagtda ýurdumyzyň ähli ugurlarynda zähmet çekýän we okaýan öňdebaryjy ýaşlaryň ukyp başarnyklarynyň ünsden düşürilmän, olara tapawutlanan sylaglaryňdyr hormatly atlaryň dakylmagy hem ýurdumyzda ýaşlar syýasatynyň üstünlikli durmuşa geçirilýändigine güwä geçýär. Şunda Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň döredilen güni mynasybetli guramanyň Merkezi geňeşi tarapyndan yglan edilýän «Türkmenistanyň Ýaşlar baýragynyň eýesi» diýen hormatly adyň dakylmagy aýratyn bellenilmäge mynasypdyr. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bu baýraga mynasyp bolýan ýaşlaryň sany ýyl-ýyldan köpelýär. Bu bolsa ýurdumyzda Gahryman Arkadagymyz, Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan ýaşlar barada edilýän aladanyň aýdyň subutnamasy bolup durýar.

**Ismail ÝAKUBOW,**
TMÝG-niň Aşgabat şäheriniň Berkararlyk etrap Geňeşiniň başlygy.

## Baş maksat — kämil şahsyýetleri terbiýelemek

Gujur-gaýratly, ylymly, bilimli, watansöýüji, döredijі we gurujy ýaşlary terbiýelemek Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiz tarapyndan anyk kesgitlenen derwaýys meseleleriň biridir. Şu nukdaýnazardan ýurdumyzda bu ugurda ägirt uly özgertmeler amala aşyrylyp, ýaş türkmenistanlylaryň şahsyýet taýdan kemala gelmegine, ösmegine, ukyp-başarnyklarynyň ýokarlanmagyna, aň-paýhas, döredijilik, ruhy mümkinçiliklerini giňeltmäge, olaryň durmuş goraglylygyny üpjün etmäge gönükdirilen işler giň gerimde alnyp barylýar.

Mälim bolşy ýaly, 1991-nji ýylyň 16-njy noýabrynda Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasy döredildi. Mukaddes Garaşsyzlygymyz bilen ýaşytdaş Ýaşlar guramasy 34 ýyl bäri, Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna we beýleki ýaşlar bilen baglanyşykly kabul edilýän resminamalara esaslanyp, ýaşlarda watansöýüjiligi, ynsanperwerligi, raýat jogapkärçiligini terbiýelemek, olaryň başlangyçlaryny goldamak we höweslendirmek maksady bilen, tertipnamalaýyn işleri guramaçylykly alyp barýar. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň sözleri bilen aýtsak, Ýaşlar guramasy Watana wepaly nesilleri terbiýelemekde we jebisleşdirmekde, olaryň güýç-kuwwatyny, aň-düşünjesini Garaşsyz ýurdumyzy ösdürmäge gönükdirmekde öz borjuny üstünlikli ýerine ýetirip gelýär.

Milli Liderimiziň döwletlilik ýörelgesini mynasyp dowam edýän Arkadagly Gahryman Serdarymyz Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň ýedinji we sekizinji gurultaýlaryna gatnaşyp, guramanyň işi bilen baglanyşykly örän ähmiýetli we anyk wezipeleri kesgitledi. Munuň özi guramanyň işgärlerini we işjeň agzalaryny bir maksadyň daşyna jebisleşip, halal we döredijilikli zähmet çekmäge ruhlandyrdy. Häzirki wagtda ýurdumyzyň ähli sebitlerinde işjeň hereket edýän ýerli Ýaşlar guramalary tarapyndan ýaş raýatlaryň hukuk we durmuş taýdan goraglylygyny üpjün etmek, türkmen halkyna gadymdan bäri mahsus bolan ruhy-ahlak hem-de medeni gymmatlyklary dünýä ýaýmak, sagdyn durmuş ýörelgelerini wagyz etmek, ýaşlarda watansöýüjiligi, ynsanperwerligi, raýat jogapkärçiligini terbiýelemek, olaryň başlangyçlaryny goldamak we höweslendirmek, zähmete bolan söýgüsini artdyrmak maksady bilen, meýilnamalaýyn çäreler yzygiderli geçirilýär.

Döwlet berkararlygynyň, ýurt abadançylygynyň bagta ýarlygyny duýýan, Milli Liderimiziň hem-de hormatly Prezidentimiziň özlerine bildirýän ynamyndan ruhlanýan ýaşlar ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan özgertmeklige, ykdysadyýetiň senagatlaşdyrylmagyna, senagat düzümleriniň düýpli döwrebaplaşdyrylmagyna, bazar ykdysadyýeti şertlerinde hususy pudagyň ösüşine, ýokary tehnologiýaly önümçiligiň döredilmegine netijeli goşantlaryny goşýarlar. Ýaş nesilleriň Watanymyzyň berkararlygyny, onuň hemişelik Bitaraplygyny pugtalandyrmaga, ýurdumyzyň abadançylygyny we gülläp ösüşini üpjün etmäge goşýan mynasyp goşantlary giň goldawa eýe bolýar. Olar Milli Liderimiz, hormatly Prezidentimiz tarapyndan döwlet sylaglary bilen sylaglanylýar. Bu günki watançy nesilleriň döşi medallar, ordenler bilen bezelýär.

Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasy tarapyndan ýaşlaryň zähmetde, döredijilikde, sportda, ykdysadyýetimiziň dürli ugurlarynda gazanan üstünlikleri göz öňünde tutulup, «Türkmenistanyň Ýaşlar baýragynyň eýesi» diýen hormatly ady dakmak bolsa, guramanyň döredilen gününden bäri asylly däbe öwrüldi. Elbetde şeýle üstünliklere ýetmekde gurama tarapyndan yglan edilýän beýleki döredijilik, ylym-bilim, telekeçilik, önümçilik bilen baglanyşykly bäsleşikleriň, olimpiadalaryň, festiwallardyr gözden geçirişleriň, sport ýaryşlarynyň hem ähmiýeti örän uludyr.

Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde işiniň gerimini has-da giňeldýän Ýaşlar guramasy ýurdumyzyň beýleki jemgyýetçilik guramalary, döwlet we hususy edara-kärhanalary, şeýle hem orta, ýörite orta we ýokary okuw mekdepleri, ylym we medeniýet edaralary bilen hyzmatdaşlykda kämil şahsyýetleri terbiýelemek maksatly dürli taslamalary amala aşyrmagyň ugurlaryny baş wezipeleriniň hatarynda durýar. Çünki Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, ýaş nesiller hakyndaky alada ertirki güne bolan iň ygtybarly we netijeli maýa goýumdyr.

**Umyda KAKAÝEWA,**
Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Arkadag şäher Geňeşiniň bölüm müdiri.

1991-nji ýylyň 16-njy noýabrynda Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasy döredildi. Ýaşlar guramasy 34 ýyl bäri, Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna esaslanyp, tertipnamalaýyn işleri guramaçylykly alyp barýar.